# Durmuşa syn

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Durmuşa syn DURMUŞA SYN

Bu durmuş däldir ejeň,
Gözle kynçylykda tär.
Eliň tutmakdan geçen,
Ýykylsaň, güljekler kän.

Daşdan gatydyr başyň,
Ejizligi elän – är.
Çeýnäp oturan aşyň,
Agzyňdan aljaklar kän.

,,Yşk» boldumy güýmenje,
Hem wagt geçirmäge kär.
,,Men ýaryň!» diýp gülenje,
Ýasama gurjaklar kän.

Ýalan – ýarany ogryň,
Ýaman niýetlerden dän.
Indi sözleseň dogryň,
Depäňden urjaklar kän.

Bezese, hoş gylygyň,
Ynsan bary ýaman däl.
Müň şükür, ýagşylygyň
ýolunda durjaklar kän.

Nury SAKÇYÝEW.

Çeşmesi: biz.islenen.ru Goşgular